# Bol

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bol BOL

Başarsañ-a şugla saçýan Günçe bol,
Hiç bolmanda nan ýapjaga ýeñçe bol.

Hyzmatyñ ulusy-kiçisi ýokdur,
Daýhanlara duz dadyrýan çemçe bol.

Bilbilleriñ täsin nagmasy siñen,
Gursagynda gül göterýän gunça bol.

Bimaryñ kalbyna aramlyk guýýan,
Bir pursatlyk ömür berýän demçe bol.

Şamçyrag bolmaga gurbuñ çatmasa,
Tümlüklerde ýanyp-öçen şemçe bol.

Teşnäniñ mährini gandyrmasañ-da,
Köñüllere gurbat berýän nemçe bol.

Eý Möwlamy, päkize päliñ içre
Uly-kiçi barçalara deñje bol!

Öwlüýäguly MÖWLAMOW,
Türkmenistanyñ halk ýazyjysy. Goşgular